# Agladana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agladana AGLADANA

Göwni bardyr her adamyň,
Göwni sadadyr sadanyň.
Ýaradanym, ber ýardamyň!
Arym alsam agladandan.

Gören bolsamda kän horluk,
Etmekçi däl kişä zorluk.
Giňlik ber, etdirme darlyk!
Arym alsam agladandan.

Görse besdir şatdygymy,
Aňaryn tukatdygyny.
Duýaryn rahatlygymy,
Arym alsam agladandan.

Goý, ýamanlygyn ýat etsin,
Ahmyryna gözüm ýetsin.
Hoş günüme gözi gitsin,
Arym alsam agladandan.

Barmysyňam diýmän gezsem,
Hem mamladygmy görkezsem.
Joşup gowja goşgy düzsem,
Arym alsam agladandan.

2020 ý. Goşgular